**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**TASSYKLAÝARYN**
**Rektor__________B.M.Taňryberdiýew**
**«16» _________________ 2024ý.**

**Ýokary okuw mekdepleriň talyplarynyň arasynda**
**«Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça**
**Açyk halkara internet olimpiadasyny guramak we geçirmek hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

**Türkmenistanyň Prezidentiniň** ýokary hünär bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmak hem-de ösdürmek baradaky tabşyryklaryny ýerine ýetirmek, talyplaryň ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda nazary bilimlerini çuňlaşdyrmak we amaly başarnyklaryny kämilleşdirmek maksady bilen, ýokary okuw mekdepleriň talyplarynyň arasynda **«Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary»** dersi boýunça Açyk halkara internet olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça Açyk halkara internet olimpiadasyny guramagyň we geçirmegiň tertibini kesgitleýär.
2. Açyk halkara internet olimpiadanyň geçirilmegi «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersine degişli meseleleri özbaşdak çözmegi başarýan zehinli talyp ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam eder.
3. Açyk halkara internet olimpiadanyň maksady şu aşakdakylardan ybarat:
   a) «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň nazary bilimlerini çuňlaşdyrmak we amaly başarnyklaryny kämilleşdirmek;
   b) «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça talyplaryň pikirlenmelerini we dünýägaraýyşlaryny ösdürmek;
   c) ýokary okuw mekdepleriň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň arasynda özara pikir alyşmalary guramak;
   d) amatly dolandyryş çözgütlerini kabul etmäge ukyply ýaş hünärmenleri taýýarlamak.

4. Açyk halkara internet olimpiadanyň wezipesi şu aşakdakylardan ybarat:
   a) sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersine degişli meseleleri çözmeklige gyzyklanma döretmek;
   b) zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň intellektual taýdan ösüşi bilen bagly oňyn şertleri döretmek;
   c) sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriniň arasynda özara gatnaşyklary alyp barmak.

## II. Açyk halkara internet olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

5. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça Açyk halkara internet olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.
6. Guramaçylyk topary:
   a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça Açyk halkara internet olimpiadasyny geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de olimpiadany guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini ýerine ýetirýär;
   b) Açyk halkara internet olimpiadany geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri, usulyýet we gözükdiriji gollanmalary taýýarlaýar;
   c) Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň wekilleri bilen Açyk halkara internet olimpiadanyň meselelerini işläp taýýarlamak boýunça zerur işleri alyp barýar.

## III. Açyk halkara internet olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

7. Açyk halkara internet olimpiada Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň bilim maksatnamalary boýunça dürli taýýarlyk ugurlarynda/hünärlerde okaýan talyplary gatnaşyp bilerler;
8. Açyk halkara internet olimpiada her ýokary okuw mekdebinden 4-den (dörtden) köp bolmadyk talyp gatnaşyp biler.
9. Açyk halkara internet olimpiadanyň resmi iş dilleri – **türkmen, iňlis we rus dilleridir**.
10. Ýokary okuw mekdepleri Açyk halkara internet olimpiada gatnaşýan talyplar baradaky maglumatlary Türkmen döwlet maliýe institutynyň info@tdmai.edu.tm elektron poçtasyna **2024-nji ýylyň 15-nji oktýabryna** çenli ibermelidirler.

11. Açyk halkara internet olimpiada **2024-nji ýylyň 1-nji noýabrynda** Türkmen döwlet maliýe institutynyň resmi internet sahypasynda «Moodle» platformasy arkaly geçiriler. Başlanýan wagty sagat **12:00** (Aşgabat wagty).
12. «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça geçiriljek Açyk halkara internet olimpiadada **10 (on) sany** ýumuş hödürlener we olary çözmek üçin **120 (bir ýüz ýigrimi) minut** wagt berler.
13. Açyk halkara internet olimpiada gatnaşýan her bir talyp berilýän ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirmelidir. Açyk halkara internet olimpiadanyň geçýän wagtynda talyplara biri-biri bilen gepleşmäge, dürli neşir önümlerinden peýdalanmaga rugsat berilmeýär. Şu düzgünleri berjaý etmeýän talyplar olimpiada gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.
14. Açyk halkara internet olimpiadanyň Eminler toparynyň düzümine Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de ylym-bilim edaralarynyň wekilleri girer. Eminler toparynyň düzümi we başlygy Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanýar.
15. Eminler topary olimpiada gatnaşýan talyplaryň işlerini bahalandyrýar we netijelerini jemleýär.
16. Arz-şikaýatlara Eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni Eminler toparynyň başlygy kesgitleýär. Çykarylan gutarnykly netije üýtgedilmeýär.

## V. Açyk halkara internet olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

17. Açyk halkara internet olimpiadanyň netijesi şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenýär.
18. Açyk halkara internet olimpiadanyň netijeleri beýanlar arkaly resmileşdirilýär we Eminler toparynyň netijenamasy esasynda ýeňijileriň düzümi Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.
19. Ýeňijileriň umumy sany gatnaşyjylaryň 50%-den geçmeli däldir. Diplomlar 1:2:3 gatnaşykda kesgitlenilýär.
20. Açyk halkara internet olimpiadanyň ýeňijileri I, II we III derejeli Diplomlar bilen sylaglanylýar.
21. Açyk halkara internet olimpiadada 6 (alty) sany meseläni doly çözen, ýöne baýrakly orna mynasyp bolup bilmedik talyplar höweslendiriji Hormat haty bilen sylaglanylýar.

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**«Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary» dersi boýunça talyplaryň arasynda geçiriljek Açyk halkara internet olimpiadasyna**

**ÇAKYLYK**

Türkmen döwlet maliýe instituty ýokary okuw mekdepleriň talyplaryny **2024-nji ýylyň 1-nji noýabrynda «Maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlary»** dersi boýunça talyplaryň arasynda geçiriljek Açyk halkara internet olimpiadasyna gatnaşmaga çagyrýar. Bu olimpiadanyň ýokary okuw mekdepleriň talyplarynyň we mugallymlarynyň arasynda hoşniýetli gatnaşyklary berkitmek, tejribe alyşmak üçin mümkinçilikleri döretjekdigine ynanýarys.

Olimpiadanyň resmi dilleri – **türkmen, iňlis we rus** dilleridir.

Olimpiada talyplaryň arasynda özbaşdak bäsleşik görnüşinde geçiriler.

Olimpiada okaýan taýýarlyk ugruna/hünärine bagly bolmazdan her ýokary okuw mekdebinden 4-den (dörtden) köp bolmadyk talyplar gatnaşyp biler.

Olimpiadanyň ýeňijileri toplanan ballaryň netijeleri bilen kesgitlenilýär.

Olimpiada bilen baglanyşykly goşmaça maglumatlar we bildirişler institutyň http://tdmai.edu.tm/ web sahypasynda ýerleşdiriler.

Olimpiada gatnaşyjylar baradaky maglumatlar 1-nji Goşunda laýyklykda **2024-nji ýylyň 15-nji oktýabryna** çenli Türkmen döwlet maliýe institutynyň info@tdmai.edu.tm elektron poçtasyna iberilmeli.

**Habarlaşmak üçin maglumatlar:**

Telefon: +993 63 36 99 94 , +993 65 65 12 44, +993 65 01 74 85

**Olimpiadanyň guramaçylyk topary**

**Goşundy №1**

______________________________________________ «Maliýe hasabatlylygynyň

ýokary okuw mekdebiniň ady

halkara standartlary» dersi boýunça Açyk halkara internet olimpiadasyna gatnaşýan talyplar we olaryň ýolbaşçylary barada

# MAGLUMAT

<table>
<tr><th rowspan="2">№</th><th colspan="3">Talyplar barada maglumat</th><th colspan="2">Ýolbaşçy barada maglumat</th></tr>
<tr><th>F.A.A.a</th><th>Taýýarlyk ugry/Hünäri, okuw ýyly</th><th>Elektron poçtasynyň salgysy</th><th>F.A.A.a</th><th>Habarlaşmak üçin maglumatlar</th></tr>
<tr><td>1.</td><td></td><td></td><td></td><td rowspan="4"></td><td rowspan="4">tel. (iş):<br>tel. (ykjam):<br>E-mail:</td></tr>
<tr><td>2.</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>3.</td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>4.</td><td></td><td></td><td></td></tr>
</table>

**Açyk halkara internet olimpiadanyň dowamynda özüňi alyp barmagyň kadalary**

Açyk halkara internet olimpiadasyna gatnaşýan talyp aşakdaky **özüňi alyp baryş kadalaryny** berjaý etmeli:

1. Talybyň ýanynda ýazuw esbaplary (ruçka, galam) bolup biler. Galan zatlar, şol sanda jübi telefony (öçürilen) ýörite bellenen ýerde goýulmalydyr;
2. Açyk halkara internet olimpiadasyna gatnaşyjylaryň kalkulýatorlary ulanmaga hukugy bardyr;
3. Talyp diňe Açyk halkara internet olimpiadasynyň çäginde meseleleri çözmek üçin berlen ýumuşlar bilen işleýär;
4. Kompýuterler we web.kameralar internete hemişelik birikdirilen ýagdaýda bolmalydyr;
5. Açyk halkara internet olimpiadasynyň geçirilýän wagtynda talyplara gepleşmäge, zatlary biri-birine geçirmäge, ykjam ýa-da beýleki aragatnaşyk serişdelerini ulanmaga rugsat berilmeýär;
6. Açyk halkara internet olimpiadasynyň dowamlylygy – 120 minut.

**Olimpiadanyň guramaçylyk topary**